## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1388 M. A. Hemraýew hakynda**

**Muhammet Allakulyýewiç Hemraýewi** Lebap welaýatynyň Hojambaz etrabynyň häkimi wezipesine belläp, ony Lebap welaýatynyň Garabekewül etrabynyň häkiminiň orunbasary wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 08-i.*
*№ PP-5809*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1389 Artykow A. D. hakynda**

**Artykow Ahmet Döwranowiçi,** işde goýberen düýpli kemçilikleri we özüne ynanylan wezipäni oňarmandygy üçin, Lebap welaýatynyň Sakar etrabynyň häkimi wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 08-i.*
*№ PP-5810*



## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1390 Porsyýew A. D. hakynda**

**Porsyýew Annamyrat Durdyýewiçi,** işde goýberen düýpli kemçilikleri we özüne ynanylan wezipäni oňarmandygy üçin, Mary welaýatynyň Mary etrabynyň häkimi wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 08-i.*
*№ PP-5811*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1391 Orazsähedow A. M. hakynda**

**Orazsähedow Atabally Myradowiçi,** işde goýberen düýpli kemçilikleri we özüne ynanylan wezipäni oňarmandygy üçin, Mary welaýatynyň Oguzhan etrabynyň häkimi wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. iýul aýynyň 08-i.*
*№ PP-5812*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

**1392 Türkmenistanyň raýatlygyna kabul etmek hakynda**

Ata-babalarymyzyň adamkärçilik we ynsanperwerlik, ýagşylyk etmek ýörelgelerine goldanyp, adam hukuklaryny hem-de azatlyklaryny goramakda umumylykda ykrar edilen halkara kadalaryna eýerýändigimizi tassyklap hem-de raýatlygy erkin saýlamak hukugyny nazara almak bilen, **karar edýärin;**

1. Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik ýaşaýan, raýatlygy bolmadyk adamlary goşulýan sanawa laýyklykda Türkmenistanyň raýatlygyna kabul etmeli.